# Gündelik: Akdaşaýakda

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gündelik: Akdaşaýakda AKDAŞAÝAKDA

Düýnki başlangyç ýazgymy ýazyp bolandan soň belli şahyr, ýazyjy, dramaturg Guldurdy Sähetdurdyýewlere gitdim. Guldurdy aga gürrüňçil, gürrüňini sagatlap diňläp otursaňam irizdirmeýän adamlardan. Özem onuň gürrüňçiligi edil döreden eserleri ýaly beýleki ýazyjylaryňkydan görnetin tapawutlanýar. Berýän gürrüňi boýunça öz netijesini mälim etmegi iň soňuna goýup, ilki seň pikiriňi we netijäňi soraýar. Özüňi edil okuw sapagynda, ekzamende ýaly duýýaň. Meň aňşymça, ol orta atan sowallary boýunça-da garşysynda oturanyň düşünjesini barlaýar we şondan soň düşünjäňe görä pikir alyşýar. Etmelisi-de şeýle. Eger dogry jogabyny berip, sagdyn netije çykaryp bilseň-ä, berekellaňy alarsyň, ýogsa-da, onuň öz gelen netijesini bileniňden soň öz ýalňyş jogabyňdan müýnürgäp oturarsyň.
Okumyş we göwnüpes ýaşulynyň öýüne şahyr Sylapberdi Muhamow bilen öňem bir gezek gelip gidipdim. Akdaşaýagyň biri-birine meňzeş köçelerinde azaşa-azaşa öýüni tapanymyzdan soň, bu gezek gözümi ýumup tapaýjak ýalydym. Ýene ýalňyşdym. Ahyryn yzymdan Guldurdy aganyň ogly geldi.
Ýetmişiň onlugyny tegelän ýaşulynyň gapysyndaky limon baglygy göwnüňi göterýär. Hemmesi bolmasa-da, galam oýnadyp bilýän käbir adamlaryň fiziki zähmetden hem susup alýan üýtgeşik ruhy lezzeti bolýar. Limon baglygyndan başga-da üç gektar üzümçiligi bolan Guldurdy aga şeýle lezzetiň nämedigini duýýan we ony setirleriniň arasyna siňdirip bilýän inçe ýazyjy. Fiziki zähmetiň nämedigini bilmeýän “snikers” ýazyjylaryň ýazýan zady-da özi ýaly teti, guraksy, telper bolýar.
Ilki baranymda, türkmeniň beýik sazandasy Mylly Täçmyradow hakdaky ýazgylarynyň Juma Ýazmyradowyň okamagyndaky disk ýazgysyny diňlemäge beripdi.
Eser ýazanyňda Juma Ýazmyradowa okadaýsaň! Edil ýöne gan damarlaryň içinden garynja ýöräp barýan ýaly tisginjiräp

gidýäň. Batyr Çaryýew ýaly ýek-tüki bolaýmasa, ruhuňa täsir edip biljek derejede ussatlarça çeper eserleri seslendirip bilýänem ýok. Ýa baram bolsa, biz bilemzok.
Guldurdy aga bilen ilkinji duşuşygymyzdaky gürrüň Aleksandr Puşkin we onuň “Ýewgeniý Onegin” romanynyň sýužeti, şahyryň Dantes bilen arasynda aýalyň üstünde turan konfliktler, nemesleriň “Guwly köl” ertekisi, “akyldar şahyr” diýen biri-birine çapraz sözleriň ýanaşdyrylyp aýdylyşy we Magtymguly, hakda bolupdy. Iş bilen gelen we daň atandan bäri ylgap ýörensoň, üstesine bir sagada golaý wagt öň birnäçe gezek gelen ýerini tapman meni-de başagaý edip, halys surnugan Sylapberdi öňünde goýlan mantyly legeni boýlap durşuna, gürrüň bilen seri ýokdy. Bilemok, biziň göwünmiz üçinmi, ýa çyny bilenmi, arasynda “Bäý-bä!” diýenem bolýardy. 
Sylapberdi häzir Orsyýediň Klin şäherinde. Eklenç üçin mähirsiz adamyň ýüzi ýaly sowuk we ýat ýurtda mysapyrlyk çekmäge giden gardaşymyza Alladan güýç-kuwwat, giňlik, sabyr-takat diläp, sag-salamat il-ýurduna we çagalarynyň arasyna dolanyp gelmegini arzuw edýärin.




*Sylapberdi Muhamow*
Guldurdy aga bilen bu gezekki gürrüňimiz taryh, Gurbannazar Ezizowyň kakasy Eziz aganyň Beýik Watançylyk urşy döwründe kontrrazwedkaçy bolşy we onuň 1943-nji ýylda “dil” getirmäge gidende nemesleriň eline düşüp, Mauthauzen konslagerine düşüşi, sünnet edilendiginden tanalýan jöhitleriň (ýewreýleriň) adam ýakylýan äpet peçleriň howurly deminden sypjak bolup, “ynha, şulam ýewreý” diýip, ýerine özbekleri, türkmenleri ölüme iterişi, Eziz aganyň şolar ýaly apat-belalardan Hudaýyň gudraty bilen aman sypyp ýurduna dolanyp

gelşi, gelenden soň şol wagtky häkimiýetden çeken görgüleri, türkmeniň beýik ogullary Keýmir kör, Jüneýit han, Eziz han, Gaýgysyz Atabaýew, Muhammetguly Atabaýew we olaryň geçen gahrymançylykly ömür ýollary hakda boldy.

Göräýmäge öwünýän ýaly gürleýän, emma şöhratparazlykdan gaçýan, şöhratparazlygy we şöhratparazlary itden beter ýigrenýän Guldurdy aga geljegiň ýazyjysy. Ol nämüçindir öň ýazan we häzir ýazyp ýören eserlerini hak hossaryna – okyjylara ýetirmäge gyssananok. Eýýäm on dört jilde ýeten küti tomluklar öz wagtyna-sagadyna garaşýar. Eýýäm ýazyp gutaran bir sany we ýazmagy meýilleşdirýän ýene iki sany taryhy romany, ençeme powestleri, filosofiki eserleri bilen Guldurdy Sähetdurdyýew geljegiň ýazyjysy diýmäge doly mynasyp! Aslynda, Gurbannazar şahyryň teperriginden dadan az sanly we iň soňky şahyrlaryň biri hökmünde-de, onuň mazaryny gazmaga gatnaşan, hatda şeýle pajygaly wakadan soň Gazanjyga baryp şahyryň atylan ýerinden onuň synasynyň gopup galan ýerlerini getirip täzeden jaýlan adamlaryň biri bolandygy üçinem Guldurdy aganyň bir kitaba sygmajak ömür ýoly we döredijiligi edebiýaty öwrenijiler tarapyndan hökman öwreniläýmeli. Munuň özi türkmen edebiýatynyň taryhyna kän zat gazandyrar.

Özi hakda gürlenmegini halamaýandygyny bilemsoň, menem onuň öňem köplere mälim terjimehalyny tekrarlap ýa-da eserlerini atlandyryp oturmaýyn. Gelejekde onuň eserlerini ilkinji bolup özümiz halk köpçüliginiň dykgatyna ýetireris diýen umydymyz bar. Şeýle ýakymly günleri görmek, ýaşula-da, bize-de nesip etsin!

Aşgabat.

Ýekşenbe, 25.12.2022 ý, 17:00.

Has TÜRKMEN. Ýatlamalar